# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

## 1575 Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almagy kämilleşdirmek hakynda

Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almagy we olaryň hasabyny ýöretmegi tertipleşdirmek hem-de maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilişine döwlet gözegçiligini güýçlendirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almak baradaky pudagara topar hakyndaky Düzgünnamany;

Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almagyň we olaryň hasabyny ýöretmegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. «Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almagy kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda çykaran 8054-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2006-njy ýyldaky 9-njy ýygyndysynyň 1043-nji maddasy) güýjüni ýitiren hasap etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary A. Goçyýew, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministri B. Hojamämmedow, Türkmenistanyň Maliýe ministri D. Sadykow hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B. Atdaýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. noýabr aýynyň 11-i.*
*№ 11896*



Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 11-nji noýabrynda çykaran 11896-njy karary bilen tassyklandy

## Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almak baradaky pudagara topar hakynda

## DÜZGÜNNAMA

1. Şu Düzgünnama Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almak baradaky pudagara toparyň (mundan beýläk – Pudagara topar) wezipelerini, borçlaryny we ygtyýarlyklaryny kesgitleýär, şeýle hem onuň mejlislerini taýýarlamagyň, geçirmegiň we çözgütlerini resmileşdirmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Pudagara toparyň esasy wezipeleri:

daşary ýurt edara görnüşli taraplary, olaryň şahamçalaryny, wekilliklerini we daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalary (mundan beýläk – hasaba alynýanlar) döwlet tarapyndan hasaba almak, döwlet tarapyndan gaýtadan hasaba almak we döwlet tarapyndan hasaba almakdan ýüz döndermek (mundan beýläk – hasaba almak);

hasaba almakda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek bolup durýar.

3. Pudagara topar öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin şu işleri amala aşyrýar:

hasaba alynýanlary hasaba almak barada kanunçylykda bellenen möhletlerde Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşli taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginiň (mundan beýläk – Hasaba alyş müdirligi) netijenamasyna garaýar we esaslandyrylan çözgüt çykarýar;

Hasaba alyş müdirliginiň ýa-da hasaba alynýanlaryň hödürlemegi boýunça hasaba almakdan ýüz döndermek we hasaba alynýanyň işini togtatmak, bes etmek we ýatyrmak barada kazyýete talap arza bildirmek bilen baglanyşykly jedelleriň kazyýetde garalmazyndan öňki hereketleriniň düzgünleşdirilmegini amala aşyrýar;

hasaba alynýanlaryň döredilmegine, olaryň işiniň togtadylmagyna, bes edilmegine we ýatyrylmagyna baglylykda hasaba almaga täsir edýän kanunçylygyň ulanylyş tejribesini seljerýär;

hasaba almagyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek baradaky tekliplere garaýar;